THE ASHGABAT TIMES

# Billi Aýliş Apple Music platformasynyň wersiýasy boýunça 2024-nji ýylyň baş artisti bolmagy başardy

Apple Music aýdym-saz striming platformasy aýdymçy Billi Aýlişi 2024-nji ýylyň baş artisti diýip atlandyrdy – ol bu ada iki gezek mynasyp bolan ilkinji aýdymçy boldy.

Apple Music-de bellenilişi ýaly, şu ýyl Aýliş Greta Gerwigiň “Barbi” filmine ýazylan “What Was I Made For” aýdymy bilen özüniň ikinji “Oskar” we iki “Grammi” baýragyna mynasyp boldy. Mundan başga-da, şu tomus ol “Hit Me Hard and Soft” atly üçünji studiýa albomyny çykardy, we bu albom çykandan soň Apple Music çartlarynda 138 ýurtda birinji orny eýeledi.

Aýlişiň ýene bir üstünligi 2024-nji ýylda Los Anjelesde geçirilen Olimpiýa oýunlarynyň ýapylyş dabarasynda çykyş etmegi boldy. Şonda aýdymçy “Birds of a Feather” aýdymyny ýerine ýetirdi we Shazam-da iň köp diňlenen aýdymlaryň biri boldy.

Billi şeýle hem 2024-nji ýylyň tomsun aýdymlarynyň biri bolan “Guess” üçin Charli XCX bilen birleşdi, we häzirki wagtda “Hit Me Hard and Soft” atly konsert sapary bilen çykyş edip, onuň ýeňişini 2025-nji ýyla çenli dowam etdirer.

Все права защищены

save pdf date >>> 27.11.2024